# Erkekleri tozanyna garan zenanlar -1: Rozalind Franklin

Category: Kitapcy,Medisina,Sözler,Zenan şahsyýetler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Erkekleri tozanyna garan zenanlar -1: Rozalind Franklin
UGURLARYNYÑ ÖÑDEBARYJYLARYDY, ÝÖNE ÇEKEN ZÄHMETLERI «OGURLANDY», ÜSTÜNLIKLERINIÑ ÜSTI ÖRTÜLDI: **ERKEKLERI TOZANYNA GARAN 12 ZENAN:**




*Gündelik durmuşda edýän hysyrdyly işleri görülmän ezilen aýal-gyzlar ylym-bilim, sungat, çeper edebiýat ýaly ugurlarda-da ýüzlerçe ýyllap zähmet eksplutasiýasyna uçrady. Aralaryndan az sanlysy sessizligi böwsüp bilenem bolsa, köpüsiniñ başdan geçirenleri bireýýäm ýatdan çykyp gitdi.*




Ýene bir 8-nji mart ýetip geldi. Aýal-gyzlar häzirem dünýäniň çar künjünde «hak-hukuk gyradeňligi» üçin göreşýärler.
Ýöne bu göreş täze däl. Taryhda şeýle aýallar bar welin, olar resmi taryhyň özüniňem görmezlige salan, gazanan üstünliklerini erkekleriň hasabyna ýazan, olaryň iň ýakynyndaky erkekler tarapyndan zähmetleri ogurlanan, bilkastlaýyn üsti örtülen aýallar.
Gündelik durmuşda edýän hysyrdyly işleri görülmän ezilen aýal-gyzlar ylym-bilim, sungat, çeper edebiýat ýaly ugurlarda-da ýüzlerçe ýyllap zähmet eksplutasiýasyna uçrady. Aralaryndan az sanlysy sessizligi böwsüp bilenem bolsa, köpüsiniň başdan geçirenleri bireýýäm ýatdan çykyp gitdi. Kimler ýok bu sanawda?..

**• DNK-nyň molekulýar gurluşyny tapdy, üstünligi iki erkegiň adyna ýazyldy: Rozalind Franklin**

XX asyryň iň uly ylmy ýeňişleriniň birem DNK-nyň (Дезоксирибонуклеиновая кислота) molekulýar gurluşynyň çözülmegidir.
Jeýms Uotson we Frensis Krik 1953-nji ýylda DNK-nyň ikileýin spiral gurluşyny ýüze çykaryp, taryhy üstünligiň awtory boldular.
Bu uly üstünlikleri üçinem 1962-nji ýylda fiziologiýa we

medisina boýunça Nobel baýragyna mynasyp boldular.
Emma köpleriñ bilmedik bir hakykaty bardy, olam DNK-nyñ molekulýar gurluşyny täze synag tilsimi arkaly sudurlandyryp, şol wagta çenli görülmedik anyklykda fotosurat düşüren Rozalind Franklinden başga hiç kim däldi. Uotson we Krik bu fotosuraty gören batlaryna DNK-nyñ gurluşyny çözdüler we açyşlaryny 1953-nji ýylyñ 25-nji aprelinde «Nature» žurnalynda çap etdirdler.
Emma Frankliniñ fotosuraty heniz ylym dünýäsine mälim edilmändigi üçin ony agzamadylaram.
Frankliniñ özem fotosuratyñ görleninden habary ýokdy, eger muny Frankline aýtsalar, onda onuñam adyny makala goşmaly boljakdy.
Uotson we Krik 1962-nji ýylda Nobel baýragyny gowşuryş dabarasynda sözlän sözlerinde Rozalind Frankliniñ adyny agzaman oñdular.
Gaýtam Jeýms Uotson Rozalind Frankliniñ 38 ýaşynda aradan çykan wagtyndan dokuz ýyl geçensoñ, 1967-nji ýylda çap edilen kitabynda Rozalind Franklini agressiw häsiýetli biri hökmünde görkezdi we jynsparazçylykly sözler bilen onuñ mertebesini peseltdi.
Jeýms Uotsonyñ we Frensis Krikiñ adamkärçiliksiz hereketleri ylym dünýäsinde has soñ aýan boldy we giñ jemgyýetçilik gatlaklary tarapyndan ýazgaryldy.

(dowamy bar)…

Müžgan HALIS. Zenan şahsyýetler